# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

gol çekildi. Soňra taslama gatnaşyjy döwletler 2023-nji ýylda Aşgabat şäherinde geçirilen maslahatyň çäklerinde “CASCA+” ulag geçelgesiniň operatorlarynyň Teswirnamasyna gol çekildi. Işe girizilen gününden bäri bu ugur boýunça 30 müňe golaý 20 futluk konteýnerli ýük daşaldy. Häzirki wagtda “Türkmenistanyň Ulag-logistika merkezi” (TULM) Türkmenbaşy portundan Hytaýyň portlaryna we Wýetnamyň portuna amatly bahadan ygtybarly ýük daşamak hyzmatyny hödürleýär. Ýükleriň üstaşyr geçiriljek ugurlary Türkmenbaşy portundan Aktau portunyň üsti bilen Sindao, Şanhaýa, Týandzine hem-de Hoşemide uzaýan ýol ugurlary müşderileriň öz önümlerini deňiz gatnawynyň üsti bilen bellenen nokada ygtybarly ýetirmeklerine ýardam berer.

Görşümiz ýaly, Türkmenistan dünýäniň dürli yklymlaryna ýakyn, ösen ykdysady merkezleriň aralygynda ýerleşmek bilen, ýurdumyzda ýangyç-energetika we ulag üstaşyr geçelgeleri daşary söwda gatnaşyklarynyň ähli görnüşlerini ösdürmäge uly mümkinçilikler bar. Şol mümkinçilikleri hormatly Prezidentimiziň yzygiderli tagallasy netijesinde türkmen-hytaý ugur boýunça halkara hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmegi ykdysady ösüşleriň daýanjydyr.

### EDEBIÝAT


1. *Rahmanow A.* Türkmenistan — Hytaý: taryhy we häzirki döwür. – A.: TDNG, 2017.

2. *Гурбангелдиев Дж.* Центральная Азия и Китай экспертный взгляд на перспективные форматы партнёрства. “Нейтральный Туркменистан”. 03.10.2023.



**Eneş Hangeldiýewa,**

*Seljeriş we strategik meýilleşdiriş ugrunyň magistranty*


## SANLY ULGAMY ÖSDÜRMEKDE TÜRKMENISTANYŇ HALKARA HYZMATDAŞLYGY

Adamzat jemgyýetiniň kämilleşmegi täze materiallaryň özleşmegi bilen baglanyşykly. Elektronikanyň ýeten derejesi häzirki zaman adamyň ýaşaýşyny düýpgöter üýtgetdi. Biz durmuşy kompýutersiz, telefonsyz, telewizorsyz we ş.m enjamsyz göz öňüne getirip hem bilmeýäris. Adam hemişe özüne oňaýly bolar ýaly tehnologik enjamlary döretmäge synanyşýar. Köplenç ýagdaýda, oňaýlylyk bu ol ýa-da başga bir enjamyň ölçegleriniň kiçeldilmegi bilen baglanyşykly bolýar. Tekiz telewizoryň formasynyň dörtburçly telewizora garanyňda, oňaýlydygy hemmä mälimdir. Eger ilkinji kompýuterler birnäçe otagy tutan bolsa, häzirki zaman kompýuteri geýimiň kisesine sygýar. Häzirki zaman tehnologiýalarynyň ösmegi köplenç ýagdaýda miniatýurizasiýa, ýagny tehnologik enjamlaryň ölçegleriniň kiçelmegi bilen bilelikde amala aşyrylýar [4].

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň Prezidentimi Serdar Berdimuhamedowyň ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça öňe sürýän döwlet syýasaty Türkmenistany innowasion taýdan ösdürmegiň baş şerti bolup çykyş edýär. Türkmenistanda sanly ulgamy ösdürmek babatda durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn çäreler bilimli jemgyýeti kemala getirmek, ähli pudaklarda maglumat giňişligini döretmek, döwrebap, täze tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak, dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek, öndürilýän harytlaryň we hyzmatlaryň elýeterliligini, hilini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda ilatyň durmuş derejesini gowulandyrmaga gönükdirilendir [1].

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň alyp barýan döwlet syýasatynyň täzeçillik häsiýetine ýugrulan durmuş-ykdysady baş ugrunyň rowaçlanmagy, döwletiň çalt depginler bilen ösüşinde aýdyň görünýär. Sanly ulgamyň hem-de jemgyýetçilik diplomatiýasynyň bir görnüşi hökmünde sanly diplomatiýa ýurduň daşary syýasatyny ýöretmegiň aýratyn bir usuly bolup durýar. Alymlaryň bellemegine görä, sanly diplomatiýa – radio we telewideniýe ýaýlymlaryny internet sahypalarynda ýerleşdirmeklik, sanly edebiýaty köpçülige ýaýratmaklyk, blog giňişligindäki çekişmelere gözegçilik etmeklik, öýjükli telefonlar arkaly maglumat ibermeklik, şeýle-de jemgyýetçilik ulgamlarynda hökümet agzalarynyň şahsy sahypalaryny döretmeklik bolup durýar. Sanly ulgama geçmegiň depginini ýokarlandyrmak häzirki wagtda geljegi uly bolan ugurlaryň biridir. Şunuň bilen baglylykda, dürli ulgamlarda amala aşyrylýan hyzmatlary elektron ulgama geçirmek, hyzmatlar ulgamyny kompýuterleşdirmek, öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmagyň hasabyna senagat toplumynyň hem-de oba hojalygynyň kärhanalaryny döwrebaplaşdyrmak, sanly ykdysadyýet üçin ýokary bilimli işgärleri taýýarlamak boýunça çäreleri geçirmek zerur bolup durýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanda ähli ulgamlarda halkara ölçeglerine laýyk gelýän täze innowasion tehnologiýalary, maglumat-aragatnaşyk enjamlaryny ornaşdyrmak işleri mynasyp dowam etdirilýär. Dünýä ýurtlary bilen maglumat-aragatnaşyklary alyp barmak, ýer ýüzüniň iň ösen habar beriş serişdeleriniň wekilleri bilen tejribe alyşmakda geçirilýän sergileriň, halkara ähmiýetli çäreleriň orny uludyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň "Türkmenistanda dürli görnüşli elektron enjamlaryny öndürýän kärhanalary döretmegiň Döwlet maksatnamasy" hem-de "Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň" durmuşa ornaşdyrylmagy netijesinde Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürilmeklige gönükdirilen çäreler amala aşyrylýar. "Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyny" durmuşa geçirmegiň çäklerinde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklaryny sanlylaşdyrmak boýunça maksatlar, wezipeler we esasy ugurlar kesgitlenilip, esasan hem, üç

tapgyrda (1-nji tapgyr – 2019-njy ýylda, 2-nji tapgyr – 2020–2023-nji ýyllarda, 3-nji tapgyr – 2024–2025-nji ýyllarda) durmuşa geçirmek meýilleşdirildi. Şeýle-de bu resminama degişli ugurda kabul edilen kadalaşdyryjy-hukuk namalary – “Aragatnaşyk hakynda”, “Türkmenistanda internet torunyň ösüşini we internet hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda”, “Maglumat we ony goramak hakynda”, “Kiberhowpsuzlyk hakynda”, “Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda” Türkmenistanyň Kanunlaryny öz içine alýar [2].

Türkmenistanyň Prezidentiniň parasatly baştutanlygynda Türkmenistanyň daşary syýasat ugry has-da işjeňleşýär. Ýurduň oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, “Açyk gapylar” we netijeli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasy strategiýasynyň çäklerinde dünýäniň dürli ýurtlary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň gerimi barha giňeldilýär. Arap dünýäsiniň döwletleri we Afrika yklymynyň ýurtlary bilen netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmak Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar.

2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy, şeýle hem şu Konsepsiýany durmuşa geçirmegiň meýilnamasy tassyklanyldy. Konsepsiýanyň esasy maksady, bilim edaralarynyň işini düýpli kämilleşdirmekden, ýokary hilli maglumatlar bilen üpjün etmekden, şeýle hem sanly serişdeleri giňden ulanmakdan we okuw mekdeplerinde bilimiň mazmunyny ýokarlandyrmakdan, onuň hiliniň dünýä ölçeglerine laýyk gelmegini gazanmakdan ybaratdyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň, Ýewropa Bileleşiginiň taslamasynyň we Belarus Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Dolandyryş akademiýasynyň ýardam bermeginde “Sanly dolandyryş”, “Konstitusion hukuk” hem-de “Döwlet dolandyrylyşy” atly magistrlik maksatnamalaryny işläp düzdi. Şolaryň wezipesine dolandyryş, hukuk we maglumat-aragatnaşyk ulgamynda döwlet häkimiýet edaralary üçin Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Maksatnamasyna laýyklykda, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak wezipesi girýär. Magistrlik maksatnamalary bilim ulgamynyň döwlet standartlaryny, oňa bilim berlişiniň hilini ýokarlandyrmagyň innowasion usullaryny ornaşdyrmagy, bu ulgamda dünýä tejribesinden hem-de Ýewropanyň, Aziýanyň we GDA ýurtlarynyň esasy akademiki mekdepleriniň hem-de ylmy merkezleriniň iň oňat öňdebaryjy iş tejribelerinden ugur alyp, milli aýratynlyklary göz öňünde tutmak bilen, degişlilikde, 1, 1,5 we 2 ýyl okatmaga niýetlenendir [3].

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynda okatmagyň “Moodle” (Modular Object-Oriented Dynamic Learning Environment)

elektron maksatnamasy işlenilip taýýarlanyldy we üstünlikli ornaşdyryldy. Bu maksatnama mugallymlar, diňleýjiler we talyplar üçin okuwa ýetişiklige gözegçilik etmegiň dürli mümkinçilikleri elýeterli bolan, köpçülikleýin howpsuz bellige alynmagyny goldaýan, synag we interaktiw okuwlary geçirip bolýan ykjam serişdedir. “Moodle”-niň esasy mümkinçilikleri onlaýn okuwlary döretmegi, resminamalaryň ýazgylaryny taýýarlamagy, ähli diňleýjilere, talyplara ýa-da käbir okuwçy toparlaryna elýeterli bolan öwrediş toplumyna birleşdirilen tanyşdyrmalary hem-de wideo ýazgyny özünde jemleýär. Mundan başga-da bu ulgamyň çeýe interfeýsi bolup, ol käbir sahypalaryň maketleriniň hem-de dizaýnynyň özara ýerleşiş ýagdaýyny saýlamaga mümkinçilik berýär. Bu bolsa amaly we okuw sapaklaryny has ýokary hilli hem-de netijeli geçirmäge goşmaça mümkinçilik döredýär. Ulgamy özara gürleşmäge, bilelikde işlemäge, resminamalary dolandyrmaga niýetlenen gurallar hem-de okuw işiniň hilini ýokarlandyrmak üçin beýleki goşundylar bilen birlikde, köpsanly programma üpjünçiligi bilen birleşdirip bolýar. Magistrantlar we diňleýjiler taýýarlanylanda, elektron serişdeler ulanyldy, şol serişdeler okatmagyň hem-de okuw meýilnamasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegiň has kämil usulyna geçilmegini üpjün etmäge mümkinçilik berdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynda sanly dolandyryş hünäri boýunça 2021–2022-nji okuw ýylynyň magistrantlarynyň ikinji goýberilişi boldy. Bu hünär boýunça okuwlar aragatnaşygyň netijeli ulgamynyň ulanylmagy arkaly elektron görnüşde geçirildi. Munuň özi ýaş talyplary özbaşdak okamak bilen meşgullanmaga, döredijilikli pikirlenmäge, aralykdan okamaga we olarda sanly maglumatlary peýdalanmagyň, öwrenmegiň hem-de saklamagyň başarnyklaryny ösdürmäge itergi berdi.

Milli ykdysadyýeti geljekde ösdürmegiň düýpli esasy hökmünde Watanyň bilim ulgamynyň hilini we ygtybarlylygyny ýokarlandyrmagyň zerurlygy şol möhüm wezipeden ugur alýar. Magistrlik maksatnamasy milli ykdysadyýetiň dürli pudaklaryny dolandyrmaga, şeýle hem sanly bilim we sanly ykdysadyýet ulgamynda täze syýasaty işläp taýýarlamak hem-de durmuşa geçirmek boýunça işlere ýolbaşçylyk etmäge ukyply ýokary derejeli hünärmenlere bolan barha artýan islegi göz öňünde tutýar. Bilim ulgamy ykdysadyýetiň dürli pudaklary üçin işgärleri taýýarlaýar. Bu ugurda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkezi hem-de Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Innowasion maglumat merkezi ýaly düzümler aýratyn kömek edýär. Olar, öz nobatynda, ulanyjylara elektron taýdan bilim bermek babatda häzirki zaman hyzmatlary we maglumatlary, okuw gollanmalaryny, wideo we audio serişdeleri, elektron kitaplaryny işläp taýýarlamakda goldaw bermegi hödürleýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň “Sanly dolandyryş” magistrlik maksatnamasynyň okuw meýilnamasy öňdebaryjy tehnologiýalary, enjamlaryň täze nusgalaryny hem-de durmuş ulgamyny

kämilleşdirmek, şeýle hem ilata hödürlenilýän hyzmatlaryň görnüşlerini giňeltmek, hilini ýokarlandyrmak üçin oňaýly şertleri döredýän tehnikalaryň ulanylmagyna gönükdirilendir. Geljekde "Sanly dolandyryş" magistrlik maksatnamasynyň okuw meýilnamasyna milli ileri tutulýan ugurlary hem-de döwlet işleriniň ulgamynda onuň ähli bölümçeleriniň sanly esasa geçmeginiň aýratynlyklaryny göz öňünde tutýan birnäçe okuw modullaryny we degişli ugurlar boýunça synag testlerini girizmek meýilleşdirilýär.

Döwletiň ykdysady, durmuş, medeni durmuşyna sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak üçin hemme düzümleýin bölümleriň maddy-enjamlaýyn binýadynyň putalandyrylmagy zerurdyr. Programma üpjünçiliginiň toplumlaýyn gowulandyrylmagy sanly tehnologiýalary özleşdirmek ugrunda işleýän hünärmenleriň bilim derejesini we başarnyklaryny ýokarlandyrmagy we adamlaryň sanly täze durmuş ýagdaýlaryna kem-kemden uýgunlaşmagyna gönükdirilen çäreleri amala aşyrmagy talap edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow döwletiň ministrliklerine we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna iň gowy dünýä tejribesini hem-de öňdebaryjy häzirki zaman iş tejribesini öwrenmegi nygtaýar. Şu tabşyryklardan hem-de milli ösüş maksatnamalarynda kesgitlenilen degişli wezipelerden ugur alnyp, döwlet durmuşyny we pudaklary döwrebaplaşdyrmagyň aýgytly ugry işlenilip düzülýär. Sanlylaşdyrmak we maglumat aragatnaşyk tehnologiýalaryny ulanmak bu ugurda möhüm şert bolup durýar. Milli diplomatiýanyň sanly ugry tapgyrlaýyn amala aşyrylmagy göz öňünde tutulýan wezipeleriň giň toplumyny öz içine alýar. Häzirki wagtda onuň yzygiderli we ulgamlaýyn ýola goýulmagy boýunça degişli işler alnyp barlyp, halkara guramalar, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek göz öňünde tutulýar. Olaryň hatarynda BMG-niň Ösüş Maksatnamasyna, Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasyna (ÝUNESKO), Söwda we ösüş boýunça konferensiýasyna, Ösüşiň bähbidine Ylym we tehnika boýunça komissiýasyna, Halkara elektroaragatnaşyk birleşigine aýratyn ähmiýet berilýär.

Milli ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmakda, Türkmenistany durmuş taýdan ösdürmekde, sanly tehnologiýalaryň gurluşyny, maddy-tehniki, hukuk binýadyny döwrüň talaplaryna laýyklykda bu günki gün halkara giňişliginde ösen döwletleriň hatarynda giňden tanalýar.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam üçindir. – A.: TDNG, 2008.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. – A.: TDNG, 2018.
3. Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmek hakynda Konsepsiýasy. – A., 2017.
4. *Goşaýew M*. we başg. Nanotehnologiýalar. – A., 2017.